# Fransiýa Kosmos komandowaniýesini döredýär

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Fransiýa Kosmos komandowaniýesini döredýär FRANSIÝA KOSMOS KOMANDOWANIÝESINI DÖREDÝÄR

Fransiýa gelejekde kosmosdan ediljek çozuşlara dessine garşylyk bermek, lazerleri we potansial howplary seljermek, hem-de orbitada gözegçilik edibilme ukybyna eýe enjamlary ýerleşdirmek maksady bilen, Ýeriñ orbitasyna birnäçe emeli hemralary ugratma maksatnamasyny taýýarlamaga girişdi. Fransuz hökümeti adamzadyñ kosmosda alyp barýan işinden endişä galýandyklaryny, şeýle-de kosmosda anyk nähili üýtgeşmeleriñ bolup geçýändigini hiç kimiñ bilmeýändigini ýörite belläp geçýär.
Fransiýanyñ Ýaragly Güýçleriniñ başlygy Florans Parli şu ýylyñ 25-nji iýulynda agzalýan «Mastering Space» maksatnamasy barada çykyş edipdi. Öñümizdäki alty ýylda dört milliard dollaryñ kosmiki goranyş maksatnamasyna harçlanjakdygyny aýdan ministr 2019-njy ýylyñ 1-nji sentýabrynda Fransiýanyñ ÝG-niñ Howa güýçlerine garşy goranyş müdirliginiñ Kosmiki güýçlere garşy goranyş güýçlerini döretjekdigini mälim etdi. Emeli hemralara howp abanan ýagdaýynda duşmanyñ gözüni gapmagyñ gerekdigini ýañzydan ministr: «Garşylyklaýyn jogap berme hukugyny we ýörite serişdeleri gizlin saklaýarys: bu biziñ hemralarymyzdan ýa-da nanohemralaryñ çalşyklardan ýaýylýan güýçli lazerleriñ ulanylmagy diýmekdir» diýdi.
Ministr Parli Russiýanyñ orbitada kiçi manipulýator ýaraglara eýe nanohemralarynyñ bardygyny, bu hemralaryñ fiziki taýdan hüjüm etmäge ukyplydygyny we şular ýaly «jellat» hemralaryñ sanynyñ barha artýandygyny hem belläp geçdi. Parli 2018-nji ýylda Russiýany Fransiýanyñ we Italiýanyñ bilelikde uçuran «Afina-Fidus» harby aragatnaşyk hemrasynyñ golaýynda ýaýlym gurnamak, hem-de ýaýlymlary ele salmak üçin «Luç-Olimp» rele

hemralarynyñ birini ulanmakda aýyplapdy. Şeýle hem, Zeminden abanýan howplardan başga-da, daşardaky (orbitadaky) emeli hemralardan abanýan howplaryñ barha artýandygy üçin, ministr harby aragatnaşyk hemralaryna wideokamera oturdyljakdygyny-da ýörite nygtap geçdi.

# https://www.defense.gouv.fr/english/ Geň-taňsy wakalar